# Dutar hem gylyç

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dutar hem gylyç DUTAR HEM GYLYÇ

Däli derýa çyrpynsa-da ömürlik,
Nesiller ornuny çalşyp gelipdir.
Dünýe döräp haýyr-şere öwürlip,
Gylyç bilen dutar salşyp gelipdir.

Ejirden egbarlap ili türkmeniñ,
Egsilse-de dulda çöregi-duzy,
Gylyçsyz bolmandyr bili türkmeniñ,
Dutarsyz bolmandyr türkmeniñ duly.

Mizana münende bu iki gural,
Gylyçly tarapy egsik gelipdir.
Ýasda aglap, toýda meýlisler guran
Dutar il derdini egsip gelipdir.

Düşnükli dutaryñ niýeti-päli,
Ykbaly ol, hesreti ol milletiñ.
Ýöne ine, düýrme gyljyñ hyýaly,
Gyrmakmy ýa goramakmy, bilmedim.

II.

Kän ýola täzeläp ýurduñ ýarasyn,
Topragy talan-da, daran-da gylyç.
Soñ ýene garşylap duşman ýaragyn,
Ýaralan ýurduny goran-da gylyç.

Dyza çökerip bor halkyñ gyljyny,
Dutaryny dyza çökerip bolmaz.
Bagşy gylyç görse dişlär hyrçyny,
Gylyç tutan dutar göterip bilmez.

Biri hyruç alan öz hünärinden,

Biri öz kärinden beziger, ýadar.
Bir ýerde, bir öýde, ýeke tärimde,
Asuda dursa-da gylyçdyr dutar.

Dursalaram bir-birine hyňranman,
Galagoply dünýäň gamgyn gijesi,
Gulagmyzda, ýüregmizde ýaňlanýar,
Bu iki mirasy garpyşýan sesin.

Gylyçmyrat KAKABAÝEW. Goşgular